# Ýa Biribar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýa Biribar **ÝA BIRIBAR**

Ýa Biribar, gördüm ýaryñ jemalyn,
Boýnuma alaýyn, öpsem webalyn,
Bize rowa gördi ak ýüzde halyn,
Kadyr Möwlam, meni hatyrjem eyle!

Derdine ýarasyn bar hany-manym,
Pälwanym şol bolsun, ýer guçsa ýanym,
Jynazamy çyksyn üzülse janym,
Kadyr Möwlam, meni hatyrjem eyle!

Ýerdäki nur ýaryñ sahyp jemaly,
Gül nepesi- ýalançynyñ şemaly,
Jümle-jahan saýdym gaşy helaly,
Kadyr Möwlam, meni hatyrjem eyle!

Doýa-doýa garap doýa bilmenem,
Ak synasyn köýden goýa bilmenem,
Ýardan öññe reñk, boýa bilmenem,
Kadyr Möwlam, meni hatyrjem eyle!

**Ýa şahyr…**
Al ýañak, gara göz, sümbül zülpleri,
Kadyr Alla halys beripdir peri.
Dag aşyryp dile saldyñ bu ýeri,
Daglar titireşýän jilwe-näz bilen.

Gelen egbarlanyp çöker dyzyna,
Ugran gaýry-gaýry bakar yzyna.
Kimi zar eýlediñ aýak tozuna,
Daglar titireşýän jilwe-näz bilen.

Perhady döreden sen dälmi eýse,
Ýa şahyr, ýa porhan kim seni söýse,

Ynsan ogly köýer, bir zatda köýse,
Daglar titireşýän jilwe-näz bilen.

Men ölsem aglama, saña gelişmez,
Hatyrjem bol, gybat dile gelişmez,
Kepenim özüñ tik, iller gülüşmez,
Daglar titireşýän jilwe-näz bilen.

Kakabaý YLÝASOW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy. Goşgular